# Lukmanda danalygyñ we kämilligiñ ýüze çykyşy hakynda hekaýat

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Lukmanda danalygyñ we kämilligiñ ýüze çykyşy hakynda hekaýat
Lukmanda danalygyñ hem kämilligiñ ýüze çykyşy hakynda hekaýat

Gulunyñ üýtgeşik zatlarny duýýan
Hojaýyn Lukmany ýanyndan goýman,

Hemişe tirkeşip, bileje gezdi,
Şol bolmasa, hatda iýip-içmezdi.

Çynlakaý iş ýüze çyksa eger-de,
Baryna Lukmanyñ nepi degerdi.

Käte tagamlañam iñ gowy ýerni
Özi iýmän, ilki Lukmana berdi.

Gulunyñ ýok wagty tutýan dek ýasy,
Iýip-içip, bolmazdy oñ mazasy.

Bir gezek ol gawun iýmekçi boldy,
Gulunam çagyrdyp, derrew äkeldi.

Gawuny tizara dilimleşdirdi,
Ondan Lukmana-da birini berdi.

Iýip gutarmanka bir dilimini,
Gawundan doldurdy onuñ öñüni.

Haky köýüp barýan bir husyt deýin,
Diýdi: «Hany, menem dadyp göreýin

Işdämen iýşiñi synlañda seniñ,
Ýaman däl ýaly-ha tagamy munuñ».

Diýdi-de, gawuna agyz urdy ol,
Ondan lezzet däl-de, ezýet gördi ol.

Diliniñ üstüni gabarçak tutup,
Ýatdy ol bir sagat özünden gidip.

Soñ nepesin dürsäp, diýdi guluna:
«Äkitjek bu gawun dogry ölüme.

Öt ýaly ajy bu, belki, awuly,
Nädip iýip bildiñ munça gawuny?

Ne ýüzüñi çytdyñ, ne ajy diýdiñ,
Bu zakguny nädip bildirmän iýdiñ?

Duşmanyñ edäýjek işi edeniñ,
Düşünip bilemok bolşuña seniñ».

Lukman diýdi: «Maña dostdugñy bilýän,
Goldap ýörsüñ meni gözüñden salman.

Göwnüme ýaransoñ edim-gylymyñ
Hem-de maña eden kän ýagşylygyñ,

Seniñ ýaly päk adamyñ hödürlän
Ajy tagamy-da meñ üçin derman.

Señ eliñden berlen herki tagamy
Ýüzün çytman iýse, guluñ ne gamy?

Gudrat misden altyn döredip biler,
Hasratam köp zady öwredip biler.

Dünýede edilýän herki ýagşylyk
Şypa berýär köp dertlere em bolup.

Ugrun tapsañ, sirke öwrülýär meýe,
Tikeniñ awusyn duýanok düýe.

Ölüme buýrulan günäkär bende
Hoş bolar jelladyñ rehmi inende.

Ýagşylyk nur saçsa yşyk dek bolup,
Gündizlige döner tüm garañkylyk.

Käte şerdir öýdüp hasap edeniñ
Haýra dönüp, göwnüñ göterýär seniñ.

Ýok bolsa kalbyñda haýryñ tohumy,
Ýazyñ gyşa döner, bilip goý şuny.

Ýüreginde haýryñ tohumy barlar
Özlerini hökümdar hasap edýärler.

Şer – başagaýlykdyr, bilip goý şuny,
Bilimdedir haýyr işleñ tohumy».

Jelaleddin Rumy Goşgular